# Öwrenilen gylyk…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Öwrenilen gylyk… ÖWRENILEN GYLYK…

Jübi ogrusyny, dolup möhleti,
Gözegçi çykaryp barýar türmeden.
Hem sargaýar ogurlygyn goýmagy,
Ägä bol diýp, türmä gaýta girmeden.

Gözegçiniň tabşyrygna, pendine,
Aglamjyrap diýýär: gelmerin gaýdyp,
Hem gujaklap ony, bilini gysyp,
Çykyp gidýär ogry, alkyşlar aýdyp.

Bozulan gözegçem ýaglygyn alyp,
Süpürjekdi çygjaran göz-burnuny.
Sermense jübünden ýom-ýok bolupdyr,
Ýaglygy, gapjygy-zady, gör muny!

2021 ý.

***

Çatrykda duşdy salymlyk,
Bir zat aýtjak ýaly etdi.
Ýüzi salyk, göwni soluk,
Aýtman, yza bakman gitdi.

Kalpda gozgalaň duýuldy,
Çünki aýtjak zadyn aňdym.
Ýüregim gaty gyýyldy,
Gürläp bilmän, doňup galdym,

Diýjek boldy: -bir döwürler,
Ykbaly ykbalňa çatdym.
Bir-bire zardy göwünler,
Neneň dözdüň, meni satdyň!

Hoş gal indi, nätjek dagy,
Men özgäň awtoulagy!

1997 ý. Goşgular